**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ**
**K A R A R Y**

«28» ýanwar 2022 ý. № 2582 Aşgabat ş.

**Awtobus ugurlarynyň açylmagynyň, üýtgedilmeginiň, ýapylmagynyň Tertibini tassyklamak hakynda**

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýolagçylaryň umumy peýdalanylýan awtobuslaryň hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmak, awtobus ugurlarynyň açylmagynyň, üýtgedilmeginiň we ýapylmagynyň tertibini talabalaýyk düzgünleşdirmek maksady bilen, şeýle hem «Awtomobil ulagy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, **karar edýärin:**

1. Awtobus ugurlarynyň açylmagynyň, üýtgedilmeginiň, ýapylmagynyň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli Orunbasarlary, Türkmenistanyň Içeri işler ministri, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministri, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory hem-de welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2022-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda
çykaran 2582-nji karary bilen
tassyklandy

**Awtobus ugurlarynyň açylmagynyň,**
**üýtgedilmeginiň, ýapylmagynyň**
**Tertibi**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Awtobus ugurlarynyň açylmagynyň, üýtgedilmeginiň, ýapylmagynyň Tertibi (mundan beýläk - Tertip) «Awtomobil ulagy hakyndaky», «Ýol hereketiniň howpsuzlygy hakyndaky», «Awtomobil ýollary we ýol işi hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunlaryna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Tertip ýolagçy gatnatmagyň wagty bellenilen awtoulag gatnawy düzgüninde amala aşyrylýan awtobus ugurlarynyň açylmagy, bar bolan awtobus ugurlarynyň üýtgedilmegi we ýapylmagy bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

3. Türkmenistanda ýolagçy gatnatmagyň wagty bellenilen awtoulag gatnawy düzgüninde amala aşyrylýan awtobus ugurlary (mundan beýläk - awtobus ugurlary) şäheriň çäginde ýerine ýetirilýän şäher ugurlaryna, şäherden ýetmiş (70) kilometriň çäklerinde ýerleşýän ilatly ýere çenli ýerine ýetirilýän şäherýaka ugurlaryna, ýetmiş (70) kilometrden uzak dowamlylygy bolan şäherara ugurlaryna hem-de Türkmenistanyň Döwlet serhedini kesip geçmek bilen ýerine ýetirilýän halkara ugurlaryna bölünýär.

4. Awtobus ugurlarynyň açylmagyna, üýtgedilmegine we ýapylmagyna şular rugsat berýärler:

1) şäher we şäherýaka ugurlary üçin - ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary;

2) şäherara we halkara ugurlary üçin - Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi (mundan beýläk – Agentlik).

## II bap. Awtobus ugurlarynyň açylmagynyň we üýtgedilmeginiň guralyşy

5. Awtobus ugurlary durnukly ýolagçy akymynyň bar ýerinde we hereket howpsuzlygynyň üpjün edilen şertlerinde açylýar.

Agyr ýol şertli, dagly, çägeli ýa-da olara deňeşdirilen awtomobil ýollary bolan awtobus ugurlaryny ýörite niýetlenen awtobuslar bolan halatynda açmaga ýol berilýär.

6. Şäher we şäherýaka awtobus ugurlarynyň açylmagy we bar bolanlarynyň üýtgedilmegi boýunça teklipleri seljermek üçin Agentligiň «Türkmenawtoulaglary»

agentliginiň (mundan beýläk - «Türkmenawtoulaglary» agentligi) degişli awtobus ugurlary boýunça ýolagçylaryň gatnawynyň ýerine ýetirilmegine jogapkär ýerli awtoulag kärhanalarynda (mundan beýläk - Awtoulag kärhanalary) topar (mundan beýläk - ýerli toparlar), şäherara we halkara awtobus ugurlarynyň açylmagy we bar bolanlarynyň üýtgedilmegi boýunça teklipleri seljermek üçin bolsa, «Türkmenawtoulaglary» agentliginde topar (mundan beýläk - merkezi topar) döredilýär. Merkezi we ýerli toparlar degişlilikde «Türkmenawtoulaglary» agentliginiň we Awtoulag kärhanalarynyň buýruklary bilen döredilýär hem-de olaryň düzümleri tassyklanýar.

7. Merkezi we ýerli toparlaryň düzümine olary döredýän ýuridik şahslaryň hünärmenleri, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň hem-de degişli ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň wekilleri girizilýär. Toparlar öz mejlislerine zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda tabynlygyna garamazdan, beýleki edaralaryň, kärhanalaryň hem-de guramalaryň wekillerini çagyryp bilerler.

8. Merkezi we ýerli toparlaryň mejlisi zerurlyga görä geçirilýär.

9. Awtobus ugurlarynyň açylmagy we bar bolanlarynyň üýtgedilmegi boýunça teklipler şular tarapyndan degişli Awtoulag kärhanalaryna berlip bilner:

1) şäher, şäherýaka, şäherara ugurlary boýunça:

a) degişli ugur boýunça ýolagçylary gatnadýan şahslar;

b) degişli ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary;

ç) degişli ilatly ýerleriň ýaşaýjylary hem-de şol ýerlerde ýerleşýän edaralar, kärhanalar, guramalar we olaryň işgärleri;

2) halkara ugurlary boýunça:

a) «Türkmenawtoulaglary» agentligi;

b) daşary ýurt döwletleriniň ygtyýarly edaralary.

10. Gelip gowuşýan teklipler Awtoulag kärhanalary tarapyndan garamak üçin taýýarlanylýar we degişlilikde ýerli toparlaryň, «Türkmenawtoulaglary» agentliginiň üsti bilen merkezi toparyň garamagyna hödürlenilýär. Toparlar tarapyndan teklipler seljerilip degişlilikde awtobus ugurlarynyň açylmagynyň, bar bolanlarynyň üýtgedilmeginiň talabalaýyklygy ýa-da talabalaýyk däldigi barada çözgüt kabul edilýär.

11. Merkezi we ýerli toparlaryň kabul eden awtobus ugurlarynyň açylmagynyň, bar bolanlarynyň üýtgedilmeginiň talabalaýyklygy baradaky çözgütlerine laýyklykda, degişli Awtoulag kärhanasy tarapyndan on iş gününiň dowamynda her bir ugruň çyzgysy, rejesi we beýleki häsiýetnamalary taýýarlanyp, ähli maglumatlary özünde jemleýän awtobus ugurlarynyň pasporty düzülýär.

12. Degişli Awtoulag kärhanasy awtobus ugurlarynyň pasportyny ylalaşmak üçin, degişlilikde şu edaralara iberýär:

1) şäher awtobus ugurlary boýunça - Aşgabat şäheriniň häkimligine, welaýatlaryň şäherleriniň we etraplarynyň häkimliklerine;

2) şäherýaka awtobus ugurlary boýunça - welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimliklerine;

3) şäherara awtobus ugurlary boýunça - Agentlige.

Şu bölegiň birinji tesiminde görkezilen edaralar awtobus ugurlarynyň pasporty bilen on günüň dowamynda bellenen tertipde ylalaşmak arkaly awtobus ugurlarynyň açylmagyna we üýtgedilmegine rugsat berýärler.

13. Ylalaşylan şäher we şäherýaka awtobus ugurlarynyň pasporty degişli Awtoulag kärhanalary tarapyndan, şäherara awtobus ugurlarynyň pasporty bolsa «Türkmenawtoulaglary» agentligi tarapyndan tassyklanylýar.

Halkara awtobus ugurlarynyň pasporty Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda Agentlik tarapyndan tassyklanylýar.

14. Awtobus ugurlarynyň pasportlarynyň nusgalary Agentlik tarapyndan bellenen tertipde tassyklanýar.

## III bap. Awtobus ugurlarynyň ýapylmagynyň guralyşy

15. Awtobus ugurlary şu aşakdaky ýagdaýlarda ýapylýar:

1) ýolagçylar üçin zerurlygy aradan aýrylanda;

2) abatlaýyş-gurluşyk işleri geçirilende we ýol hereketiniň howpsuzlygyna howp abanan halatlarynda, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ulag serişdeleriniň awtomobil ýollary boýunça hereketi wagtlaýyn çäklendirilende ýa-da bes edilende (awtobus ugurlaryny üýtgetmäge mümkinçiligiň bolmadyk ýagdaýynda);

3) şu bölegiň 2-nji bendinde görkezilenlerden beýleki ýagdaýlarda awtobus awtomobil ýollary boýunça hereket edende ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmäge mümkinçilik bolmanda (awtobus ugurlaryny üýtgetmäge mümkinçiligiň bolmadyk ýagdaýynda);

4) Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda (halkara awtobus ugurlary babatynda).

16. Şu Tertibiň on bäşinji böleginiň 2-nji bendinde görkezilen ýagdaýlarda^ Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ulag serişdeleriniň awtomobil ýollary boýunça hereketiniň wagtlaýyn çäklendirilmegini ýa-da bes edilmegini amala aşyrýan edara hereketiň wagtlaýyn çäklendirilmeginden ýa-da bes edilmeginden azyndan on gün öň (duýdansyz ýagdaýlar bilen bagly bolanda haýal etmezden) bu barada degişli Awtoulag kärhanasyna bellenen tertipde habar bermäge borçludyr.

17. Şu Tertibiň on bäşinji böleginiň 2-nji we 3-nji bentlerinde görkezilen ýagdaýlarda ýolagçylar üçin amatly şertleri döretmek maksady bilen, awtobus ugurlaryny ýapmazdan, olary üýtgetmek boýunça bellenen tertipde zerur işleriň geçirilmegi hökmanydyr.

18. Şu Tertibiň on bäşinji böleginiň 3-nji bendinde görkezilen ýagdaýda degişli awtomobil ýollary, olar boýunça awtobus hereket edende ýol hereketiniň

howpsuzlygyny üpjün eder ýaly derejä getirmek barada degişli döwlet edarasyna ýüzlenilýär. Şunda degişli döwlet edarasy haýal etmezden awtomobil ýollaryny talabalaýyk ýagdaýa getirmäge hem-de ýüzlenen şahsa bu barada habar bermäge borçludyr.

19. Degişli Awtoulag kärhanasy awtobus ugurlaryny ýapmak boýunça teklipleri degişlilikde şu edaralara iberýär:

1) şäher awtobus ugurlary boýunça - Aşgabat şäheriniň häkimligine, welaýatlaryň şäherleriniň we etraplarynyň häkimliklerine;

2) şäherýaka awtobus ugurlary boýunça - welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimliklerine;

3) şäherara we halkara awtobus ugurlary boýunça - Agentlige.

20. Şu Tertibiň on dokuzynjy böleginde görkezilen edaralar tarapyndan awtobus ugurlaryny ýapmak boýunça tekliplere on günüň dowamynda garalýar hem-de makullanan halatynda, awtobus ugurlarynyň ýapylmagyna ýazmaça görnüşde rugsat berilýär.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

21. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary ilatyň awtobus ugurlarynyň ýerine ýetirilişiniň tertibi we şertleri hakyndaky maglumatlar bilen öz wagtynda üpjün edilmegini guraýarlar.

22. Degişli Awtoulag kärhanalary awtobus ugurlarynyň açylýandygy, üýtgedilýändigi we ýapylýandygy barada habary olaryň amala aşyrylmagyna çenli on günden gijä galman köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen ilatyň dykgatyna ýetirmelidir.

23. Awtobus ugurlary boýunça ýolagçylary gatnatmak işini meýilleşdirmek, guramak, seljermek, oňa gözegçilik etmek hem-de bu işiň hasabyny ýöretmek maksady bilen, «Türkmenawtoulaglary» agentligi tarapyndan Türkmenistan boýunça awtobus ugurlarynyň ýeke-täk sanawy ýöredilýär.

24. Agentlik awtobus ugurlarynyň ilatyň talaplaryny doly kanagatlandyrýandygyna, olaryň ugrundaky duralgalaryň bellenen talaplara laýyklygyna we bu meseleler bilen bagly şahslaryň ýüztutmalaryna Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda seredilişine gözegçilik edýär.

25. Şu Tertibi ulanmak boýunça gözükdiriji Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri bilen ylalaşylyp, Agentlik tarapyndan bellenen tertipde tassyklanylýar.